# Biz birini söýýäris, ýassykdaş bolýar bir ýat

Category: Kitapcy,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Biz birini söýýäris, ýassykdaş bolýar bir ýat BIZ BIRINI SÖÝÝÄRIS, ÝASSYKDAŞ BOLÝAR BIR ÝAT



Hudaýa şükür, ýurdumyz parahat, ilimiz abat. Dünýä ýurtlaryna sözi geçýän kuwwatly döwletimizde (Ol wagt SSSR-iň düzümindedik) ýaşaýarys. Dok bolup çaýkanmasagam, aç bolup alňasamzok. Enemiň aýdyşy ýaly, garnymyz diňe çörekden däl, nahardanam doýýar. Wah, hemme zat damak doýma bilenem çözlenok eken. Ynsan bolsaň, ruhy dünýä diýen bir zat bar. Oňa ýüregiňem, akylyňam emri ýok eken. Men mus-mus diýip durman,

oňardygymdan hemme zady başdan gürrüň bereýin:
Taňryň beren güni darydan köp diýleni. Enem: “Täze Gün, täze bagt. Ak Gün alnyňa ýagşy. Säher tüurup, ýagşy arzuw-dilegler bilen dogýan Güni garşylamaly. Şonda uzak gün işiň rowaç bolar” diýýär. Ýöne biz başga terbiýede ulaldyk. Türkmen däp-dessury bilen däl-de, häzirki zaman terbiýe biziňki. Wah… şu däp-dessur diýsene, biziň ganymyza siňipdir, henizem däp-dessurdan çykyp bilemzok. Söýgi, maşgala gurmak meselesinde köne däp-dessurymyzyň ýüzüne köz degsin. Köne diýip, geçmişdäki ýaly edip aýdýan. Şu günki däp-dessurymyz ortadan gitmese, maşgala gurjak ýaşlaryň, gör, niçesi bedibagt bolar. Ýöne gury gepläp durmaýyn. Aýtmaly däl, aýybam bolsa söýen gözelimden jyda düşmegimiňn belli-beli pursatlaryny başdan gürrüň bereýin:
Adym Şir, on bir çagaň dördünjisi. Şu günki ýaly ýadymda. 5-nji klasy tamamlap barýarkam 12 ýaşadym, şol doglan günüm irden turanymda ejem: “Oglum, şu gün 12 ýaşadyň. Ömrüň uzak bolsun, ýöne pederlerimiz 9 ýaşan gyzy, 12 ýaşan oglany uly adam hasaplapdyrlar. Indi seňem akylyň gözüňde bolsun. Jigileriňe-de görelde, hakyky uly adam adyňa mynasyp bol” diýdi. Ejemiň bu sözi meni birgiden zada borçlandyrdy, ýöne şonuň bilen birlikde käbämiň uly adam sözi meniň ruhumy göterdi. Ejemiň aýdanlaryny klasdaş oglanlaryma hem gürrüň berip, indi olary hem uly adam adymyza mynasyp bolmaga çagyrdym. Uly adam boljak bolup, on alty ýaşa gadam basdyk. Sekizinji klasy gutaryp barýardyk. Bu gün uly baýramçylyk, 1-nji maý zähmetkeşleriň raýdaşlyk güni, 2-nji maý ýöne ady okuw, her klasyň haýsy brigada ýekelemä gitmelidigi aýdylyp, okuwçylara ýekelemede tertipli özüňi alyp barmak barada edep sapagyny geçip, ertir ýekeleme üçin goşuňyzy ykjam düwüň diýip öýe goýberdiler (ol zamanlar 5-nji klasdan uly okuwçylaryň okuwy maýyň başlaryna ýatyrylyp, okuwçylar klasy boýunça klas ýolbaşçysy bilen 20 günlük pagta ýekelemäge ýatymlyk sürülýärdi. D.Ý.). Edil aýdylyşy ýaly, 3-nji maýda irden maşyn meni ýekelemä alyp gitmek üçin geldi. Derrew epleme krowatymy, ýorgan-düşegimi, garaz, ýatymlyk üçin niýetlenen goşlarymy maşyna ýükläp, ejem, jigilerim bilen hoşlaşyp maşyna mündüm. Maşyn iki sagat töweregi aýlanyp, hemme klasdaşlarymyzy çöpläp, obamyzdan kyrk kilometr uzaklykdaky Baýram brigadiriň kanal jaýlaryna bir ýarym sagada ýetirmän getirdi. Brigada giren ýeriňdäki goşa jaýda oglanlarymyza ýerleşiň diýdiler.

Oglanlaň düşlän ýerinden, takmyn iki ýüz metrde ýerleşen gabat biri-birine bakyp duran iki jaýda gyzlar ornaşdy. Klas ýolbaşçymyz hem bizi işletmeli Gandym mugallym bu brigada biz bilen bile düşen onunjy klasyň mugallymy bilen biziň hatarymyzda iki jaý aňrymyzda düşlediler. Oglanlar bolup goşumyzy ýerleşdirip ýörkäk, mugallymyz gelip: “Oglanlar, ertirden başlap günortanlyk naharyňyz, ertir, günortanlyk, agşamlyk çaýyňyz gaýnadylyp berler, bu gün özüňiz oňşuk ediň, akylly bolsaňyz bu gün dynç alyň. Gyzlaň ýanyna barsaňyzam, 9-dan soňra olaň ýanynda görnäýmäň” diýip tabşyryk berip gitdi. Gandym mugallym agşam dokuz diýse-de, sagat on bolup on birden işleýänçä azar bermezdi. Ýöne şondan soň gyzlaň ýanynda oglanlary görse sylanokdy, käte hemmämizi, köplenç bolsa oglanlaň baştutany hasaplanlarynyň bir-iki sanysyny mazalyja ýençmekdenem gaýtmazdy. Bizem eden etmişimiziň jezasy hökmünde mugallymyň urmasyny gatam görmezdik.
Klasymyz ýigrimi üç sany – on bir gyz, on iki oglandy. Öýlän 4 lere çenli oglanlar bolup goşlarymyzy özümizçe tertipläp ýerleşdirdik. Birsalym gidip, gyzlaryň goşuny ýerleşdirmäge-de kömekleşdik. Emma gündiz uzak bolansoň, sagat alty töweregi bolanam bolsa, Gün al-asmandady. Ine, şol wagt açlygymyzy duýup, ot ýakyp, jaýda duran öňem çaý gaýnadylan iki taňkada çaý gaýnadyp çaý çorba edip iýdik. Ýekeleme üçin herimiz bolmanda 800 gramlyk bankada gowurdak ýanymyza alyp, ortada goýup, seňki-meňki diýmän üýşüp iýip içýärdik. Şonuň üçin bol zadymyz gowurdagymyz gutarynça (Okuwçylary 10 günden bir gün öňe äkidýärdiler, indiki on güne ýene gowurdak täze getirýärdik) çaý çorbady. Bu gezegem çaý çorbadan garnymyzy gözäp, Gün ýaşmaga bir sagada arkaýyn bar. Gyzlaň ýanyna gitmegem edil şu wagt biwagt hasaplap, hemme oglanlarymyz bolup urduk peýweräni. Klasdaş oglanlar bolup, ilkinji gezek söýgi hakynda ýürekden söhbet edip, içimizi dökdük. Aramyzda Törealy diýen köpbilmişimiz: “Oglanlar Magtymguly atamyz on bäş ýaşda gyzlar girdi düýşüme” diýýär. Biz ösen zamanamyzda Magtymguly şahyrymyzyň döwründenem yza galýas, on alty ýaşymyzyň içinde biz. Söýginiň gürrüňini ýatdan edip ýörmäliň, kim kimi söýýän bolsa açyk aýtsyn şu ýerde. Soňkusy gün meň söýenim ýaly heleý gürrüň bolmasyn” diýdi. Dogrusyny aýtsak, gyz paýlaşdyk. Menem ilkinji gezek klasdaşym Jemaly söýýändigimi oglanlaň öňünde açyk boýun aldym. On iki oglanyň dördüsi klasdaş gyzlarymyzy söýýän bolup çykdy. Bir

okuwsöýerimiz, iki sany ýuwaş oglanymyz entek söýgi hakynda netijä gelmändiklerini aýtdylar. Dogrusy, olar gürrüňimizede kän goşulmadylar. Galan oglan klasdaşlarymyz başga-başga gyzlary söýýändiklerini mälim etdiler.

Ertesi gün pagta ýekelemek üçin irden sekiziň ýaryna işe çykdyk. Gandym mugallym her keşe bir okuwçy goýup, “Her salkynda iki, uzak günde dört keş çykyp arkaýyn oturyň” diýdi. Jemal ikimiz bir ýerden keş alyp, ýekelemä başladyk, ýöne edil bilgeşleýin edilen ýaly, onuň keşinde bir barmagam ýaşajyk gowaçadan boş ýer ýokdy. Beýleki keşlerde her garyşda 5-6, köp bolsa 7-8 ösüp gelýän gowaça bolup, şolaň ikisinden galanyny aýyrmalydy, Jemalyň keşindäki hatar gowaçadan her garyşda iki sanysyny goýmak aňsat däldi. Jemal derrew mugallyma keşini görkezdi. Gandym mugallym: “Jemal, sen bagtyňdan gör, ýöne keşiňi ikä ýörederin, günortana çenli şol keşi çyk, normaňy doldugyň” diýdi. Jemal mugallyma garaşylmadyk jogaby berdi: “Mugallym, beýlekiler-ä bu keşini çykyp, beýlede işlärler. Däli ýaly meň ýeke özüm işläýinmi?! Şir maňa kömekleşsin”. Mugallym “razy” diýen äheňde başyny atyp, hemme okuwçylaryň işleýänini görüp bolýan ýere baryp, biziň işleýşimizi synlap durdy.

Jemalyň keşi agyr bolansoň, beýleki okuwçylar normany dolup, arkaýyn oturmak üçin haýdap gitdiler, ikimiz maýdalymyza işläp, hezil edip gürleşip, hasam yza galdyk. Onuň bilen gülşüp-degşip, Gün gyzyp sagadyň on bir bolandygynam duýmandyrys. Beýleki klasdaşlarymyz iki keş çykyp, normany dolup, aňyrda dynç alyp otyrdylar. Gapdalymyza Gandym mugallymyň gelendiginem duýmandyrys. Mugallym gelşine “Meň gelenimem bileňzok, näme gizlin gürrüňiz galdymy?! Şir, geç öz keşiňe, günortana çenli ikinji keşiňi çykmasaň, öýlän biliňe agram bermeli bolarsyň” diýdi. Jemal ýalbaryjy äheňde mugallyma seredip: “Mugallym beýtmesene, özüň ýaş bolup görmediňmi?! Seret, meniň keşime. Barmak basar ýaly boş ýer ýok. Şir kömekleşmese, men agşama-da dynyp bilmerin” diýip, gyz naýynjarlygyny etdi. Bu gezek Gandym mugallym keşi ymykly synlap, haýran galmakdan başyny ýaýkap: “Diýeniňdenem beter gür keş ekeni, günortana çenli dynjak boluň” diýip, biziň ýanymyzdan gitmek bilen boldy.

Dogrusyny aýtsam, ejemiň “Oglum, sen bu gün uly adam bolduň” diýen gününden bäri Jemaly gowy görýärdim, Sekizinji klas okuw başlan gününden her gün oňa “Söýgimi aýan edeýin” diýip

synanyşýardym. Söýgimi aýan etmezligime günde bir bahana tapylýardy. Mugallym gidensoň, Jemalyň maňa bolan ynamyna hasam dogumlandym. Edil söýgimi aýan etmeli pursat geldi diýibem, aljyradymmy nämemi, egin deňäp bile işläp barýanam bolsak, “Jemal” diýen çesim çasly çykdy öýdýän. Ol “Näme oglan, haýkyryp ýüregimi ýardyň. Men ýanyňda ahyry, beýle-de gygyryp adymy tutmak bolarmy, görkuzdyň meni?!” diýip, tüf-tüf edip, ýakasyna tüýkürdi. Men birbada aljyrasamam derrew özümi ele alyp, ýüregime daş baglap, oňa söýgimi mälim etdim. Ol meň aýdanlaryma gaty biperwaý ýaly esli dymyp durdy. Menem onuň agzyna aňalyp, içimdenem bildigimden Taňra ýalbaryp bilen dogamy okap dileg etdim. Iki-üç minut dymyp-doňup durduk, ondan jogap bolmansoň, ýüregimi bire baglap men ýene dymyşlygy bozdum: “Jemal, seni nädip ynandyrmaly, aýt, edeýin, sensiz ýaşap bilmen, maňa ynanmazçylyk etme”. Ýüzüne seretdim, ol doňup, agzyma garap dur. Men ekizlenip sözümi ýene dowam etdim. Näçe dury geplejek bolsamam bu gezek sesim sandyrap çykdy: “Jemalyym, söý-söýgimiň ýüzüne urma, maňa rehim et” . Birbada aljyrap ejizledim, emma derhal özümi ele alyp, men Jemala umydygärlik bilen bakdym. Ahyry Jemal dymyşlygy bozdy: “Şir, ha-na bak, hemmeler bize seredýär, birsalym işläli, onsoň jogap bereýin”.
Bäş minut ýaly haýdap işledik. Men nädip bolandygyny bilemmok, birden sakga durup, onuň elinden tutup: “Jemalym, maňa jogap ber, indi çydammok” diýdim. Ol elini silkip aldy-da “Söýjek bolsaň çydamaly, oglan” diýip mähirli maňa seretdi. Şol wagtam Gandym mugallym “Jemal, Şir ýörüň, günortanlyga çykalyň” diýip, gygyryp elini bulady.
Men Jemala söýgimi beýan eden pursatymda alan lezzetimi ömür ýadymdan çykarman, ol meniň ömrümiň altyn pursady. Günortan nahar bilen serim bolmady. Ik agyz iýip, meýdan düşelgesinde gyşaryp, Jemal bilen bolup geçen gürrüňleri gözöňüne getirip, meýmiräp ýatyrdym. Gamyşdan edilen meýdan düşelgesiniň ýokarysy hem gamyş bilen basyrylyp, oturanlar gün urmaz ýaly edilendi. Uzyn meýdan düşelgäň bir tarapynda oglanlar, oglanlardan aňyrda gyzlar iýip-içip bolup, özara gepleşip otyrdylar. Meniň ýatan ýerimiň edil garşysynda Jemal joralary bilen gürleşýärdi. Men ezizimi synlap, edil bir sagat öň onuň bilen geçen söýgi pursatlarymy ýatlap, janym hezil edip, lezzediň şabadyna “Durmuş nähili hezil” diýip tas gygyrypdym. Klasdaşym Törealynyň “Şir aňyrrak süýşsene, herimiz bir ýerde

ýatsak, 3-4 oglandan galanymyz Günüň aşagynda oturmaly bolarys” diýen sözi meni masgaraçylykly gykylykdan halas etdi. Başga wagt bolanda dostymyň bu haýyşyny, bolmanda kejirlik bilen ederdim, belki etmezdimem. Emma bu gezek Töreala minnetdarlygymyň jogaby hökmünde onuň aýdanyny edip, süýşýp gyra çekilip, dynç almak üçin pugta gözümi ýumdum. Kalbymdaky agyr duýgymy beýan edip ýeňlänimden bolsa gerek, hezil edip ymyzganypdyryn. Mugallymyň “Sagat üç boldy, işe turalyň, okuwçylar” diýen çasly sesine oýandym.
Öýlän 5-e çenli ýene Jemalyň gür keşini ýekelemäge güýmendik. Işe başlanymyzdan “Jemalym, sen meňki, seni hiç kime bermen” diýip, söze başladym. Jemal maňa syrly garap, ýüzüme dikanlady-da “Şir, siz igmi ýa gul” diýdi. Menem Jemalyň bu sözlerine haýran galyp: “Jemal, söýgi bilen bu sözleň baglanyşygy näme” diýdim welin, ol uludan demini alyp: “Wah, Şir, şol sözleň söýgimize dahyly bolmasady” diýdi. Şondan soňra Jemal gürrüňi başga ýana sowdy. Ýöne gülşüp-degşip, Jemalyň ol gür keşini ýekeläp bolduk. Soňra Gandym mugallyma ýalbaryp, Jemal ikimiz herimiz bir keşi ýekeläp, şol gün normamyzy doldurdy diýip ýazdyrdyk.
Dowamy bar >> Ýatlamalar